# Jedelleşeliñ, ýöne…

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Jedelleşeliñ, ýöne… JEDELLEŞELIÑ, ÝÖNE…




Togsanynjy ýyllar…
Böreñ-böreñ gan akan döwür…
Adam hukuklary jemgyýetiniñ Elazig şäheri boýunça bölüm müdiri aklawjy Metin Jan we jemgyýetiñ agzasy doktor Hasan Kaýa 1993-nji ýylyñ 21-nji fewralynda gaçyryldy. Şol gün Janyñ maşgalasyna til kakan biri «Yzy ýarasyn» diýdi-de, telefony goýdy. Ertesi gün onuñ öýüne ýene jañ edilip, iñleme sesleri eşitdirildi we köwüşi torba salnyp ugradyldy. We:
27-nji fewralda gynalan, kellelerinden atylan jesetleriñ üstünden baryldy…
Ganhorlaryñ kimdigini «Maýor Erseweriñ görkezmeleri» (“Binbaşı Ersever’in İtirafları”) kitabymda ýazypdym. Maşgalalar kitaby delil görkezip, Elazıg şäheriniñ prokuraturasyna ýüzlenipdi.
Prokurorlaryñ beren «wezipesizlik» karary (решение о несудимости) sebäpli jenaýat işi Elazıg, Tunjeli, Kaýseri, Erzinjan, Malatýa şäherleriniñ arasynda gatnady ýördi. Ymykly derñew işi geçirilmänsoñ iş gozgalmady. Kaýa maşgalasy jenaýat işini Ýewropa Adam hukuklary suduna (ÝAHS) geçirtdi.
ÝAHS meni güwä hökmünde çagyrdy…
Sudda bilýänlerimi aýdanymda, Türkiýäniñ wekilçiligini edýän aklawjy gulagyma egilip şuny pyşyrdady:
– Haýyş, ýurdumyzy kiçeltmäli Soner beý!
Bu boluş aslynda biziñ hukuga-adalata bolan garaýşymyzy görkezýär. Üsti açylmadyk jenaýatlary bukmak

watansöýüjilikmikä? Hukuk döwletiniñ nämä geregi bar onda?
Şol gïn suduñ zalynda bilýän zatlarymyñ barsyny aýtdym. ÝAHS Türkiýäni günäli bildi…

**• «KLUB» SERIALY**

Şunuñ üstünde durup geçmekçi:
«Klub» (“Kulüp”) serialy ýakyn taryhymyz boýunça jedelleri tutaşdyrdy:
1942-nji ýylda çykarylan «Barlyk salgydy»! (Варлык вергиси тур. Varlık Vergisi — налог, введённый в Турции. - t.b.)
“Salkym hanymyñ däneleri» («Salkım Hanımın Taneleri”) çeper filminde-de şeýle çekişme bolup geçipdi.
Ýogsam bolmasa… Teleseriallardyr çeper filmleriñ üstünden taryhyñ jedeli edilmeýär. Bular çeper fantaziýadyr, senarist we režissýor öz hyýalynda janlandyryp bilen zatlaryny orta goýýar. Mysal üçin:
Kwentin Tarantino «Messepsizler bandasy» (Inglourious Basterds”) çeper filminde Gitlerdir Gebbelsi kinoteatr zalynda ýakyp öldürdi! Munuñ jedelini etmegiñ geregi barmy?
Emma ýurdumyzda teleseriallardyr çeper filmlerde suratlandyrylanlary hakykatdyr öýdýänler bar! «Klub» teleserialyna tomaşa edip, «Barlyk salgydy» hakda akyl satylýar! Haýran galaýmaly, gürrüñi eýdip-beýdip 1955-nji ýylyñ 6-7-nji sentýabryndaky wakalara direýärler! Ýogsam aralarynda on üç ýyl tapawut bar ahwetin!..
Özem serialyñ «Barlyk salgydy» sebäpli söýgülisi («Barlyk salgydy» çykmazdan öñ) 1938-nji ýylda öldürendigi ýaly wagt meseleleri bar! Ýeri bolýa-la, häzir biziñ gürrüñimiz serial däl…
Gürrüñ «Barlyk salgydy»:
Salgyt diñe Türkiýede däl, hemme ýurtda diýen ýaly çykdy:
Mysal üçin, «Ýeñiş salgydy» («The Victory Tax»), ABŞ-da 1942-1944-nji ýyllarda hereket etdi. Iki million dollar girdejisi barlardan 67% salgyt alyndy. Bu görkeziji Angliýada 80%-di!
ABŞ we Angliýa diñe Ikinji jahan urşunda däl, Ikinji jahan

urşunda-da «Hususy girdeji kanunyny» çykardy.
Urşa gatnaşmadyk Şweýsariýa çenli bäş ýyllap barlyk salgydyny ýöretdi.
Türkiýede iki ýyl dowam etdi.
Ilkinji uruş salgydynyň 1874-nji ýylda Üçünji Karlist urşy döwründe Ispaniýada güýje girendigini ýatladýaryn…




- **ÖKTENIŇ KASTY**

Ikinji jahan urşy döwri…
18 millionlyk Türkiýäniň 1 milliony harby gulluga çagyryldy. Olaryňam aglabasy obaly. Netijede ekerançylyk pese düşdi, çörek kartoçka bilen almaly edildi, elden alma söwda (gara bazar) möwç urdy.
Şol ikiarada… Döwletem goranmak boýunça çykdajylaryň ýerini dolmakda we goşunyny doýurmakda maliýe kynçylygyny çekdi. Döwletiň 1939-njy ýymda 390 million lira bolan býužeti 1942-nji ýylda 900 million lira çykdy.
Türkiye’de «Barlyk salgydy» diňe diasporalardan däl, (şol sanda marşal Fewzi Çakmakdan hem) musulmanlardan we

saýrylardanam alyndy. “Alyndy” diýmegiň özem gaty dogry däl, türkler salgytlarynyň barsyny berdi, diasporalardan salgydyň 20-25%-nem jemläp bolmady.
Toplanan 315 million liranyň içinde musulman dällerden 30 million lira, daşary ýurtlylardan 130 million lira, musulmanlardan bolsa 155 million lira alyndy…
Mesele diňe pulda däl elbetde, salgyt toplananda gödek ýalňyşlyklaram az bolmady.
Meselem… Ähli diasporalary baý hasaplamak ýalňyşlykdy.
Meselem… Sanawlardan käbir kişileriň adyny sypdyrmak ýalňyşlykdy.
Meselem… Tutarygy näme bolanda-da, salgyt tölemedikleri Erzurumdaky Aşgala (Aşkale) ugratmak ýalňyşlykdy.
Meselem… Uruş şertlerinde-de bolsa, syýasatdyr habar beriş serişdeleriniň dili diýseň gödekdi.
Şuny-da goşsam gowy bor: Bu babatda çeşme hökmünde şol döwrüň Stambul Defterdarı- Faik Ökteniň «Barlyk salgydy pajygasy» (“Varlık Vergisi Faciası”) kitaby görkezilýär! Emma… Bir ermeni ildeşimize zorluk ulanyp öýüni ujypsyz baha satyn alandygy üçin Faik Ökteniň şol döwür jogapkärçilige çekilendigi hakda gürrüň edilmeýär! Ökteniň bu kitaby JHP-den ar alma kasty bilen 1951-nji ýylda Demokratik partiýanyň döwründe ýazandygynam ýatladýaryn!
Bular hakda hemişe pikir alşalyň, jedelleşeliň. Emma bir bitewi döwletimizi garalamak isleýän neoliberalizmiň etnos duzagyna düşmezden!
Serial-kinofilm duýguçyllygyny bir ýana goýup, hakykatyň ýanynda duralyň…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 11.01.2022 ý. Publisistika